# Şowly ýyl bolsun! / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Şowly ýyl bolsun! / satiriki hekaýa ŞOWLY ÝYL BOLSUN!

Hoşlaşýan ýylymyzyň iň soňkuja günüdi. Ýok, iň soňkuja sagatlarydy. Çagalarym iňirdäp halys gulak etimi guratdy.
– Kaka, ähli kişiň öýünde Täze ýyl ýolkasy bar how. Bizem alaýalyň-la…
– Wah-eý, sözüňizi zaýalap näme etjek. Hudaý diýiň-de oturyň, kakaňyzdan agzyňyz ýagjarasy ýok – diýip, keýwanym tosaň-tosaň etdi.
Gulagyňdan iglemek agyr keselmiş diýýärler. Baga bakylýan öküz ýaly, törde gölerilip ýatmaýyn-da, çykaýyn, ýolkaň gözlegine. Walla, şäheri elek-soky etdim. Elime ilen zat bolmady. Be, näme etsemkäm? Ýa ýüzümi garaňka tutup ýoluň gyrasyna ekilen ýolkalaň birini çiläýsem näderkä?! Aý, ýok, birden ýöne täze ýyly gözenegiň aňyrsynda garşylamaly bolaýmasyn. Pälimden el çekip, kimdir birinden haraý gözleýän ýaly garanjaklap töweregime seretdim.
O-ho, han-ha bir-ä eli ýolkaly hasanaklap gelýär. Ylgap öňünden çykdym. Salamdan öňürti sorag berdim.
– Nireden aldyňyz?
Ol gaty sypaýyçylykly adam eken. Ýylgyryp gürledi.
– Inim, birinjiden-ä, ýetip gelýän Täze ýylyňyz gutly bolsun! Ikiniidenem, siziň o soragyňyz ogra berilýändir. Han-ha, ho ýerde, gutaran bolaýmasa, satylyp dur – diýip, ol elini gündogara tarap salgady.
Etek alty, ýeň ýedi, eňdim şo tarapa. Men öz gözüme-de ynanmadym. Maşynyň üstünde berlip dur. Saýlap aldym, goçagragynyň birini. Özüňiz bilýäňiz, gyşyň güni ir garaňky düşýär. Duralga baranymda iňrik mazaly garalypdy. Wah, öz başyňa ulagyň bolmasa kyn-da. Täze ýyl üçin alan ýolkamy döwmänjik öýe bir eltip bilsem. Bar aladam şo boldy. Häzir,

ynha, öýe bararyn welin, çagajyklarym boýnuma böküp gujaklarlar, begenşerler. Indi kän garaşdyrman çaltrajyk awtobus bir gelse. Gözümi dikip ýoluna garadym.
Göwnüme bolmasa duralgada duran adamlaryñ ho iki çetkisi meniñ gybatymy edýän ýalydy.
– Be, bi bendäñ çagasy indiden soñ ýolka bezäp, haçan täze ýyly garşylajakka?
– Aý, onam diýme, entek tutuş bäş sagat dagy bar, ýetişer.
Olaryñ gepine gulak gabardyp durşuma, sagadyma seretdim. Dogrudan hem, eýýäm ýedi bolaýypdyr. Howlukmaly. Taksi tutaýyn diýsenen ýagdaýym ýabygorlurak. Jübim efil bilbiliñ ketegi ýaly, ap-arassaja. Awtobusa garaşmakdan başga alaç ýok. Ýoluna seredip, boýnum üzülip gitdi. Ahyry geldi-aý. Gör, nähili hezillik, içinde kän bir adamam ýok. Gözüm ýok ýaly, girdim süssürlip. Şofýor eline mikrofonyny aldy-da:
– Hormatly ýolagçylar! Täze ýylyñyz mübärek bolsun! Bagyşlañ, men siziñ keýpiñizi gaçyrmaly boljak. Awtobus arakesmä çykýar. Hemmejäñiziñ düşmegiñizi towakga edýärin – diýip, ýüzüni kese-kese sowdy.
Be, bi nähili boldy-aý. Arakesmä çykjak bolsañ başga wagt tapan dälsiñ. O-da bir bahanadyr-la, kireý etjekdir. Hüñürdäp düşdüm maşyndan. Pyýadalap gitmäge-de ýol uzak, öýüm bäri-bärde däl. Onsoñam, dogrusyny aýdaýyn, garañkyñ içinde ýöräp gitmäge çekinmänem duramok. Onda o bolupdyr, munda bu bolupdyr diýen gulaga ýakymsyz gürrüñ häli-şindi eşidilip dur. Birden biri depäme berip, elimdäki ýolkamy alyp gidiberse näderin. Ölüp ýatanda-da, geçip barýanlardan-a haraý gözlemeli däl, her kim görmedik bolup gidiberýä.
Howlugyp içimi it ýyrtyp barýardy. Zol sagadyma seredýän. Bir zada garaşsañ wagt geçmeýän ýaly bolýa diýýärler welin, şu wagt meniñ sagadymyñ-a edil yzyndan ýagy gelýän ýaly. Aýamyñ aşagyna gor guýlan dek, zowzanaklap bir ýerde durup bilmedim.
Öñem awtobusyñ gelmänine içim ýanyp dur welin, ýeri, ýeksurunlaryñky näme diýsene. Iki sany ýetişen pyýada üstüme sürnüp başlady.
– Bi ýolkany, näme, ekmäge alyp barýañmy?
– Pahan, täze ýyly bir hepde yza süýşürdiler, habaryñ barmy?

«Ýamandan boýuňy satyn al» diýlen nakyla eýerip, sesimi çykarman adamlaryň gürmegine girdim. Onýança-da bir trolleýbus gelip saklandy. Aý, nirä gitse şoňa gitsin-le, şu ýerden bir üýtgäýin. Ýaňky maşyna münüp, bary-ýogy ýekeje duralga geçdim. Ýene-de gözümi dikip öz marşrutyma garaşdym. Ahyry geldi-aý, gelmän geçen. Yzdaky oturgyçlaryň birinde joňkardym. Bu zatlaram meniň bagtymadyr, içiňi ýakaýyn diýen ýaly, ýaňky awtobus gara görnen ýerinde duryberýär.
Ine, ýarylyp ölýän bolsaň, tarkylda-da ýatyber. Şofýor keýpime sogan dogrady.
– Ýoldaşlar, ýoly gazypdyrlar. Şundan aňryk gidip biljek däl, düşüň.
Al, bi ýol gazýanlaň ýeteşiklidigin-aý. Ýoly gömüp ony asfaltlaýanlaram şeýle çalasyn bolaýsa! Häli geçemde-de beýle-beýle zatlar ýokdy. Gargynjyrap düşdüm, awtobusdan. Etjek alajyň ýok, galan ýoly paý-pyýada geçmeli boldum
Gapymyzyň düwmesini basanymdan, daşarda tüpeň sesi eşidildi. Diýmek, adamlar täze ýyly garşylaýarlar. Işik açylaryna mähetdel, girdim kürsäp. Aýalym boýurganyp boýnumdan aslyşdy. Muşakgat ýagdyryp başlady.
– Wah, özüň sag-aman gelseň, ýolkadan elli bizar geçdik. Çagajyklam atasyz galarmykan öýdüp gara janym galmady. Şuwat Aýaz babaň ýoluna bir tamdyr çörek aýdyp otyrdym…
Dogrusy, men aýalymdan beýle hoşamaýlyga garaşmandym. «Öten ýylky gidişiň, getireniňem şujagaz ýolkamy?» diýip gygyrar öýtdüm. Sataşalym bäri onuň agzyndan şular ýaly ýyly söz çykmandy ahyry. Görýän welin, täze ýyl şowly başlanýar öýdýän. Hernä, şeýle bolsun-da!

Täçmämmet JÜRDEKOW. Satiriki hekaýalar